***Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygy bilen ugurdaşlykda geçirilen halkara forumda Babasary Annamyradowa milli sungatyň çeperçilik we amaly-haşam ugry boýunça «Geljegiň mirasy» atly halkara baýrak, degişli diplom we 10 müň amerikan dollary möçberinde pul sylagy gowşuryldy. Bu barada Özbegistanyň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berýär.***

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Karary bilen esaslandyrylan bu halkara baýrak bilen edebiýat, medeniýet, sungat, ylym, bilim hem-de sanly tehnologiýalar ulgamlarynda uly üstünlik gazanan ýerli we daşary ýurtly döredijilik işgärleri sylaglanýar. Şeýlelikde, bu ýyl baýraga mynasyp bolanlar:

**Edebiýat ugry boýunça** — TÜRKSOÝ-nyň Baş sekretary, Gyrgyzystanyň halk ýazyjysy Sultan Raýew;

**Medeniýet ugry boýunça** — Täjigistanyň halk şahyry Dawlat Safarzada;




Все права защищены

**Teatr we kino ugry boýunça** —Gazagystanyň M.Awezow adyndaky Milli drama teatrynyň artisti Ýerkebulan Daýirow;

**Saz we tans ugry boýunça** — Azerbaýjanyň halk artisti Alim Gasimow;

**Çeperçilik we amaly-haşam ugry boýunça —** Türkmenistanyň halk suratkeşi Babasary Annamyradow;

**Ylym, terbiýe we sanly tehnologiýalar ugry boýunça** — Özbegistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky halkara merkeziň direktorynyň orunbasary, oba hojalyk ylymlarynyň doktory Dilfuza Egamberdiýewa.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены